
Kalýanyň we temmäki önümleriniň hökümi näme?



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Kalýan çekmegiň hökümi näme? Onuň hökümi çilimiň hökümi bilen birmi? Kalýan we çilim haram bolan narkotikleriň sanyna girýärmi?

Kalýan we çilimiň ähli görnüşleri haram zatlardandyr. Çünki olaryň ikisinde-de köp zyýanlar bardyr.

Bu ugurdaky hünärment lukmanlar, bularyň zyýanlarynyň köpligini beýan edendirler.

Allah Tagala musulmanlara, özleri üçin zyýanly bolan zatlary ulanmagy haram edendir.

Kalýan we çilim çekýänleriň olary taşlamagy wajypdyr we (bular ýaly zatlardan) ägä bolmalydyr.

Çünki Allah Tagala Mäide süresinde, Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle ýüzlenýär:

يَسْأَلُونَكَ مَاذَا أُحِلَّ لَهُمْ قُلْ أُحِلَّ لَكُمُ الطَّيِّبَاتُ

“**Senden özleri üçin nämäniň halaldygyny soraýarlar. Aýt: Siz üçin päk-arassa zatlar halal edildi.”** [1]

We Allah Tagala Pygamberiniň (sallallahu aleýhi we sellem) wasplaryndan habar berip, Agraf süresinde şeýle diýdi:

وَيُحِلُّ لَهُمُ الطَّيِّبَاتِ وَيُحَرِّمُ عَلَيْهِمُ الْخَبَائِثَ

“**(Pygamber) olara päkize-arassa zatlary halal kylýar we habis (hapa, nejis, zyýanly) zatlary bolsa, haram edýär.”** [2]

Temmäki we kalýan önümleriniň ählisi ynsana zyýanly bolan habis (hapa, nejis) zatlardandyr. Bu önümleriň ähli görnüşleri (Kuran-Kerimiň) şu iki aýaty we manylarynda habar berilenleriň saýasynda haramdyr.

Allah Tagaladan musulmanlary, özleri üçin peýdaly boljak zatlary ugrukdyrmagyny, dünýäde we ahyrýetde zyýanly boljak zatlardan goramagyny dileýäris.

Şeýh Abdulaziz bin Bäziň (Allah oňa rahmet etsin) fetwalaryndan.[3]

ما حكم شرب الشيشة؟ وهل حكمها حكم الدخان؟ وهل تعتبر الشيشة والدخان من المخدرات المحرمة؟

شرب الشيشة والدخان بأنواعه من جملة المحرمات؛ لما فيهما من الأضرار الكثيرة، وقد أوضح الأطباء العارفون بذلك كثرة أضرارهما، وقد حرم الله على المسلمين أن يستعملوا ما يضرهم.

فالواجب على كل من يتعاطهما تركهما والحذر منهما؛ لقول الله عز وجل في سورة المائدة يخاطب نبيه صلى الله عليه وسلم: يَسْأَلُونَكَ مَاذَا أُحِلَّ لَهُمْ قُلْ أُحِلَّ لَكُمُ الطَّيِّبَاتُ[1]، وقوله سبحانه في سورة الأعراف في وصف نبيه محمد صلى الله عليه وسلم: وَيُحِلُّ لَهُمُ الطَّيِّبَاتِ وَيُحَرِّمُ عَلَيْهِمُ الْخَبَائِثَ[2] الآية.

وجميع أنواع التدخين والشيشة من جملة الخبائث الضارة بالإنسان، فتكون جميع أنواعهما محرمة بنص هاتين الآيتين وما جاء في معناهما.

ونسأل الله أن يهدي المسلمين لما فيه صلاحهم ونجاتهم، وأن يعيذهم مما يضرهم في الدنيا والآخرة؛ إنه خير مسئول.

---

[1] سورة المائدة، الآية 4.

[2] سورة الأعراف، الآية 157.

1- Maide 5/4.

2-Agraf 7/157.

3-http://www.binbaz.org.sa/mat/3217